# Amatly gün (tymsal)

Category: Filosofiýa
написано kitapcy | 10 мая, 2025




Günlerde bir gün talyplar mugallymdan:

– Täze bir işe başlamak üçin haýsy gün has amatly? – diýip sorapdyrlar.

Mugallym:

– Elbetde, men beýle güni bilýärin. Ol gün çarşenbedir – diýip, jogap beripdir.

Talyplar dessine galamlaryny ellerine alyp, mugallymyň aýdýanlaryny ýazmaga başlapdyrlar. Olaryň diňe birisi hiç zat ýazman oturansoň, mugallym onuň bolşuna geňirgenip:

– Sen näme üçin ýazmaýarsyň? – diýip sorapdyr.

Şonda ol talyp:

– Ussadym, men siziň indiki aýtjak bolýan zadyňyzy bilýändigim üçin ýazamok – diýipdir.

– Meniň näme aýtjagymy bilýärsiňmi? Ol näme bolup biler? – diýip, mugallym agraslyk bilen sorapdyr.

– Ol soňra penşenbe, anna, şenbe, ýekşenbe, duşenbe we sişenbe günleri.

Beýleki talyplar ýerliksiz jogap berendir öýdüp, oňa gahar bilen seredipdirler.

– Ýok, men beýle jogap bermezdim. Men şenbe gününden başlap sanardym – diýip, halypa gaharly aýdypdyr-da, bir salymdan hem ýylgyrypdyr. Şonda talyplar mugallymyň ýalandan gaharlanandygyna, batyrgaý talybyň bolsa mamladygyna göz ýetirseler-de, başky sowalyny ýene-de gaýtalapdyrlar:

– Mugallym, täze işe başlamak üçin haýsy günüň amatlydygyny anygrak aýdaýsaňyz?!

Mugallym uludan demini alyp, hiç zat ýazman oturan okuwça baş atýar. Ol bolsa:

– Diňe bir gün, ol hem şu gün – diýip, ynamly jogap beripdir.

* * *

## Söýgi we gahar

Günlerde bir gün halypa talyplaryna ýüzlenip:

– Näme üçin adamlar gaharlananlarynda sesine bat berýärler? – diýip sorapdyr. Şonda talyplaryň biri:

– Sebäbi olar rahatlygyny ýitirýärler, rahatlygyny ýitiren adamyň hem gahary gelýär – diýip, jogap berýär.

Onda halypa:

– Eger-de gaharyň gelse, hökman gygyrmalymy? – diýip, ýene sowal bilen ýüzlenýär.

Talyplar dürli jogaplary berýärler, ýöne olaryň hiç birisi

halypany kanagatlandyrmaýar. Bir salymdan ol:

– Haçanda adamlar öýkeleşseler, gaharlary oýanýar-da, ýürekleri biri-birinden daşlaşdyrýar. Şoňa görä, seslerini ýürege ýetirmek üçin olar gygyrmaly bolýarlar. Munuň tersine, sarpaly-sylagly adamlaryň ýürekleri ýakyn bolýar. Onsoň, olarda gygyrmak zerurlygy döremeýär, pessaýja ses bilen gürleseler-de, gowy düşünişýärler. Bu ýagdaý aşyk-magşuklarda has-da äşgär duýulýar, olaryň birek-birege söýgüsi, mähri juda ýokary bolansoň, ýürekleri-de biri-birine has golaý bolýar. Şonuň üçin, olar ýuwaşja pyşyrdaşyp, hatda hiç hili gürlemezden, ýöne nazarlary bilen-de düşünişip bilýärler – diýip, sesiň gatalmagynyň sebäbini düşündiripdir.

***Rus dilinden terjime eden Arzuw RAHMANOWA,***
***TMÝG-niň Kerki etrap Geňeşiniň başlygy.***